**Döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryny, döwlet kärhanalaryny, edaralaryny we guramalaryny, olaryň şahamçalaryny we wekilliklerini bellige almak**

Bellige alynmak üçin şu resminamalar berilýär:

bellige almak hakyndaky arza;

döwlet edarasyny, kärhanasyny we guramasyny esaslandyrmak hem-de onuň tertipnamasyny (düzgünnamasyny) tassyklamak baradaky çözgüt;

iki nusgada esaslandyryş tertipnamasy ýa-da düzgünnamasy;

esaslandyryjynyň esaslandyrylyş resminamalarynyň nusgasy (edara görnüşli taraplar üçin);

hukuk salgysynyň tassyk haty (degişli şäher we etrap häkimlikleri tarapyndan berilýär);

ýolbaşçynyň şahsy kagyzy, pasportynyň nusgasy, wezipä bellenmegi baradaky buýrugyň nusgasy;

goýuma nyrh kesmek baradaky resminama (pul görnüşinde bolmadyk goýumly kärhana esaslandyrylan ýagdaýynda);

bellige alynýanyň esaslyk maýasyny tassyklaýan resminama;

statistika edarasynyň bellige alynýanyň göz öňünde tutýan ykdysady iş görnüşleri baradaky maglumat haty (Kärhanalaryň we guramalaryň ykdysady işleriniň görnüşlerine we şertli belgilerine laýyklykda);

bellige alyş ýygymynyň tölenendigini ýa-da tölemekden boşadylandygyny tassyklaýan resminama.